# ŞERÇELER



*Halk Ertekisi*
*Illýustrator: Rahman Rahmanow*

Gadym zamanlarda guşlaryň diline düşünýän bir adam bar eken. Ol bir gezek: “Gel-aý, serçeleriň söhbetini diňläýin-le” diýip, gyzgan[1] agylyň[2] güneş ýüzünde ýaplanyp ýatypdyr. Bir salymdan soň, bir topar serçe başagaýlyk bilen uçup gelip, onuň edil ýokarsynda, gyzgan agylyň üstünde oturyp, söhbete başlapdyr. Olaryň biri:

- Indi gyrgydan[3] gaçmalyň! – diýipdir.

Ýene biri bolsa:

- Ýogsa-da, gaçyp gün görüp bolmaz ahyry! – diýipdir.

Ahyrda hem:

- Eşitdiňizmi-ow, jemagat[4], söz-söz bolsun, indi gyrgydan gaçmaly däldiris – diýip, hemmelere eşitdirip aýdypdyr.

- Aý, elmydama-da şeý diýýäs-de, iş jygba-jyga[5] gelende, görünýänimiz ýok. Gyrgy görnenden hemmämizem dyr-pytrak bolup, gaçyp gidýäs. Bu-da şonuň ýaly bolar-da – diýen.

Onda beýleki serçeler ala-goh bolup, şeý diýenmişler:

- Ana, gördüňmi?
- Işi bulaşdyrýanam şular ýaly ütükler-dä!
- Öňki saparam bir tapyldy.
- Tüýs akmak serçe-dä!
- Akmak nirede, haramzada diýsene.
- Tüýs baryp ýatan deýýusyň biri.
- Eşek-laýt!
- Doňuz-la!
- Aý, şoňa ünsem bermeseňiz-läň!
- Hawa-da, walla...

Bir tokarja serçe öňki gelnen karary ýamaşgandan jar edipdir:

- Eşitdiňizmi-ow serçeler, indi gyrgy gelende kim gaçsa, şonuň başy ölümli, maly talaňly. Soňra: “Biz-ä, walla, şony eşitmändirsem” ýa-da aýdaly: “Eşitsegem gaty bir ünsem bermändiris” diýlen gürrüň bolmasyn. Şu sapar ata-baba arymyzy şol gyrgydan çykarmalydyrys. Indi halys ýadadyk. Degnaňa deglensoň[6] çekip-çydap otyrmagam kyn-how! Biz munça bolup oturan wagtymyzda, bir gyrga özümizi horlatsak ýa-da dalatsak – bu bize masgaraçylyk ahyry. Geliň, indi mert durup, merdana[7] bolalyň. Ölsegem mertlerçe öleliň! Nähili görýärsiňiz şu maslahaty?

- Gaty dogry!
- Hakyt şeýtmek gerek.



- Bolubilýär...

Şol wagt çetde oturan ütüjek serçe birdenkä:

- Dat, gyrgy geldi – diýip, çirkin gygyrypdyr. Şobada ýaňky topar tutup duran serçeler edil dary seçelenen ýaly dyr-pytrak bolupdyr. Olaryň kimisi çöplüge, kimisi hem gyzganyň içine siňip gidipdir. Esli wagtlap imi-salalyk bolupdyr. Özünden giden özünden gidip ýatyr, beýleki bir toparynyň bolsa huşy başyndan uçup ýatyr, başga bir topary bolsa: “Nähili-nähili bolýarka, hany entek bir ýataýyn” diýip ýatyrlar.

Bir haýukdan soň, bir ýerden bir “jürk” sesi eşidilipdir. Ýene biri “jürk” edipdir. Jagyl-jugul ýene-de güräp, şol barmaga biri zomp edip kellejigini çykarypdyr. Ol iki gapdalyna seredipdir. Onýança ýene biri kellejigini çykarypdyr. Şobarmaga biri gyzganyň düýbünde ýatan ýerinden:

- Näme boldy, aýt! – diýip gygyrypdyr.

Serçeler şondan soň, ýeke-ýekeden çykyşyp başlapdyrlar.

- Be, dogrudanam, birdenkä, näme boldy, aýt!

- Bir zad-a boldy weli, biz-ä hiç zat aňşyrman galdyk.

- Asyl aňşyrar ýalam bolmady-laý.

- “Dat gelýär” diýdiler ahyry.

Serçeler şol “gelýä-gelýä” diýen gürrüňi kimiň aýdandygyny bilmän, esli jedelleşipdirler. Olar biri-birine azgyrylyşyp[8] ugradylar:

- Sen aýtdyň!

- Ýok, sen aýtdyň!

- Ýok, ses menden beýleden geldi.

- Ýok, ony ilki bilen pylany aýtdy.

- Ýok, pylanyň sesine-de meňzänok.

Olar ahyry: “Şol ütük serçe aýdypdyr” diýen karara gelipdirler.

- Hany şol ütük serçe?

- Dogrudanam, hany ol?

- Ol haramzada henizem özünden gidip ýatyrmyka?

- Gyrgy şol işi gaýdanyň özüni äkiden bolaýmasyn.

Serçeler ser salsalar, dogrudan hem şol ütüjek serçe ýok.

- Hä, öz-ä akyllyja guşdy..

- Gepi-sözem bolmazdy.

- Hä, näsini aýdýaň, hakyna jürlügi[9] diýermiň, dogruçyllygy diýermiň, garaz...

- Edep-tertibini diýsene..

- Asyl eýgerder ýaly däldi...

- Henizem ýüregim awap dur.



- Özi gowudy-la! Ýöne pahyryň enesini weli öwmezdiler.

- Atasam şeýledi... Araky açlykda bir dary dänäň üstünde goňşusy bilen il masgarasy bolmadymy näme?!

- Doganam şeýledi.

- Özünde-de ýetmezi kändi diýsene!

- Bir azajyk göribräkmidem?

- Bahyl[10] ondan öňe geçmezdi.

- Arada şunuň elem egri diýäýdiler öýdýän.

- Oňa söz barmy näme? Tüýkesme ogryň biridi-le...

- Haramzadaň gideni gowy boldy-laý.

- Onsuzam özümiz ýygnajak bolup ýördük-le, henizem ujyz gutuldy[11] ol!

- Enesi ýalamadygyň adyny tutmasaňyzlaň, bolmasa ýüregim bulanýar.

- Bes ediň how! Ýürege düşdüňiz. Şol ata-babasyna nälet[12] siňeniň adyny öçüriň-de, gutaryň-da!...

Ine, samsyjak serçeleriň agzybirlik hakdaky maslahatynyň ahyr-a şeýle bolanmyş diýýärler.

---

[1] Gür ösýän, gabygy çal, çybyklary tutuş tikenli, gyrymsy ýabany agaç.

[2] Mallary saklamak üçin agaç aýlanan ýer.

[3] Meleräk reňkli, aw awlaýan kiçiräjik ýyrtyjy guş

[4] Adamlar

[5] Gyzza-gyzza

[6] Janyňa deglensoň

[7] Batyr

[8] Gygyrşyp

[9] Berkligini

[10] Görüp, gysganç

[11] Aňsat sypty

[12] Ýüzi garalyk